# Mähriban adam (goşgular)

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Mähriban adam (goşgular) GOŞGULAR

▶ ELLI ÝAŞ

Şükür bu günlere ýetiren Alla,
Algym azdyr, bergi bilen ýaşadym.
Diýsem-de «janymda galmady arman»,
Boýn alaýyn, görgi bilen ýaşadym.

Durusy içilen, läbigi galan,
Bu ýowuz tetärik salsa-da talañ,
Oglumyñ deñine diýmedim agam,
Ynsap diýen «Tañry» bilen ýaşadym.

Bagrymyñ ýylysyn imana eýläp,
Keşk çekdim, gyş buýup, tomusda gaýlap,
Bolşuna göräräk kök urup, ýaýrap,
Haka ýakyn añry bilen ýaşadym.

Şu garyp günümi köp görme, ykbal,
Menem adam, günäm bolmagy ahmal.
Ýöne jana dözüp, il göwnün ýykman,
Halal kesbiñ jebri bilen ýaşadym.

Hydyr gören arkam ýatlap her demde,
Garyp başy merdem tutdum her çende,
Şeýdip bu gün mündüm elliñ gerdenne,
Iliñ-günüñ derdi bilen ýaşadym.

▶ MÄHRIBAN ADAM

Bu gün seni togp eýläp alnyma,
Keremli didaryñ arşa göterip
Perişde deý ruhuña garyla,
Gubar bolan dideleñden öpeýin.

Özüñ zarkañ çekilere goluñdan,
Il-güni depäñe göterip bilýäñ.
Eden ýagşylygyñ undup köñülden,
Etmedigi üçin utanyp bilýän

Mähriban adam sen, ilden üýtgeşik,
Wezipäñ ýok, baýlygyñ ýa puluñ ýok –
Egniñde güzeran hem agyr keşk,
Ýöne barkañ kynçylyk ýok, zulum ýok.

Säher köçä çyksañ, assaja ýöräp,
Ýüzüñ görüp rehnet ~ nura örtülen ~
Biraz ynsaplaşýas düýnkiñe görä,
Hem azajyk päkleñýäris öñküden.

Sen misli bir zemin, ekseñ gülleýän,
Ýygnap ýazlañ nurun, gönezlik deýin ~
Ýagşylykdan özge hiç zat gelmeýän,
Sahawaty aýalañdan öpeýin,
Mähriban adam.

◆ ◆ ◆

Otda eremedik, doñmadyk gaýda,
Ýaşap gördük «jennet» diýlen dowzahda.
Jan Hudaý, indi bir namysa goýma,
Garyp guluñ mundan beter ownatma.

Bes, şu çaka çen boýun burup entänim,
Pesligiñ alnynda kän atdyk hallan.
Hyjalatyn iýdirenden bendäniñ,
Al meni, Allam!

Haramdan müñ teññe eçileniñden,
Ýekeje teññe bes, halaly bilen.
Bol emläp, uçutdan gaçyranyñdan,
Az ber, ygtyýary, karary bilen.

Atly nebsi kowup paý-u-pyýada,

«Ýetip bilmedim» diýp çekenden arman.
Goý, abraý-aýdymlam galsyn diýarda,
Al meni, Allam!

Heran-haçan ynsap hakda oýlansañ,
Dide ýaşa dolar, tutular demiñ.
Eý, ynsabym, bu dünýäde öwlüýäm sen,
Namazlygym meniñ, saçagym meniñ.

Ynsap ~ diriligim, ömrüm, rysgalym ~
Aýt, neçün sen bizden sowaşyp barýañ.
Ynsapsyz ýaşaljak bolsa bir salym,
Al meni, Allam!
Al meni, Allam!

◆ ◆ ◆

Men ötsem bir adam azalar türkmen,
Hem-de bir köñüle aýralyk düşer.
Ýaryñ synasyndan üzlen umytlar,
Gussaly didede saralyp bişer.

Men gitsem balalañ boýny burlar,
Belki-dw unudar olaram käte.
Wah, ne gadyr bar, asly çüýrük gurlan,
Bu doýmadym, bu dolmadym dünýäde.

Bir toprak unutmaz, bagryna basyp,
Eläp-eläp öwrer meni özüne.
Şeýdip ýer astynda köpeler türkmen,
Diñe şeýdip ömür ikä bölüner.

▶ GARAGANLY OBASY

Ak ýollaryñ ýüze togap edenim,
Seniñ boz topragyñ gözüme sürme.
Howandar bol, gowşur meni ýene bir,
Çagalygymyñ siltäp geçen günlerne.

Ah, bir görsem dolanmakam kepene,

Bassadym bagryma käbäm enemi.
Men indi çydamom zaryň çekere,
Küýseý-küýseý ömür salym eredi.

Bu ýalňyzlyk halys etdi, gowurdy,
Zaryň çeke ýandy ganym-damarym.
Bu gün meniň toý-baýramym sowuldy,
Wah, ezizim, göbek ganym damanym.

Eňňere bolandyr bossanym, bagym,
Bir sen galdyň bu gowgaly ömürde.
Hyýalymda ýene saňa barýaryn,
Bir gözüm umytda, biri ölümde.

Indi sönüp barýar ýakan çyragyň,
Seň guran minaraň çökdi dyzyna.
Mejalym ýok, ýokdur sabry-kmararym,
Çaga bolup dolanara yzyma.

Eý, ak ýolun ýüze togap edenim,
Umydym, didary jana dermanym.
Günäm bolsa bagyşlagyn, pederim,
Razy bol, ak obam, ahym-armanym.

▶ DAGLARA…

«Ýör, Öwezim, dolanaly daglara…»
«Görogly» dessanyndan.

Bu gün dünýä sygmaý zaryny çekdiň,
Ýör, Öwezim, dolanaly daglara
Bagryň o daglar diýp gan-gabarçakdyr,
Ýör, Öwezim, dolanaly daglara.

Heňňam üzre umytlarym gyrykdyr,
O daglaň humary kalba urupdyr,
Men bir ýetim oglan, boýnum burukdyr,
Ýör, Öwezim, dolanaly daglara.

Sumbaryň daglary sütün-sütündir,

Onda bagty talañlarym ýatandyr,
Gözi ýolda galanlarym ýatandyr,
Ýör, Öwezim, dolanaly daglara.

Bu ilde gün üçin meñzim saraldy.
Ýyllar meni gamça daglaý ar aldy,
Meger, indem paýawlap ýör sanalgy,
Ýör, Öwezim, dolanaly daglara.

▶ RÖWŞEN OGLUM…

Röwşen oglum, körpe balam, wysalym,
Birje saz çalyp ber, jigermiñ bendi.
Ýöne gamgyn bolmawersin bu sazyñ.
Ýürek gaýgy-gussa çydanok indi.

Röwşen bala, ýüpek deýin gül-de sen,
Birje çäýnek çaý demläp ber, inerim.
Guzym, ýöne gaty ajy bolmasyn,
Ajynam kän göterenok ýüregim.

Nerim, gaşyñ çytýañ, ynjaýañ käte,
Meniñ janym ~ dideleriñ çyrazy.
Sizden başga nämäm bar bu dünýäde,
Siz dursañyz Hak Alladan razy.

Röwşen bala, köküm, damarym, bognum,
Açyl derdi-belalañdan, geregim,
Ýüregim çydamaz derdiñe, oglum,
Ölerin.

15.06.1996 ý.

▶ O ÇAGLAR…

Aý öpen, başga hiç zelel degmedik,
O barlar hem, bu barlar hem biziñki.
Didelee gujaklan, del el degmedik,
O narlar hem, bu narlar hem biziñki.

Armandyr ak gara garylman çykmak,
Bir kemeri apat, ol biri çakmak.
Otyr gögi ogşap, ýeri gujaklap,
O daglar hem, bu daglar hem biziňki.

Ýazlar öter didesinde ereýip,
Güýzler geçer almasyna emenip.
Ah, bizden hem soňa galsa elenip,
O baglar hem, bu baglar hem biziňki.

Jümle-jahan ýete bilmez syrymna,
Sarç duýgulam gelmez ynsan sygmyna,
Dönüp gitsek ýazlaň ýyldyrymyna,
O çagalar hem, bu çagalar hem biziňki.

▶ GIZLEME

Aýly gijäň nury bilen ýuwulan,
Al ýaňagyň bessesini gizleme.
Yşkyň şirin jadysyna ýumulan,
Lebleň näzik pissesini gizleme.

Ömür öter, perman ýokdur galara,
Ýar yşkynda ýaryň meňzi sarala,
Men öpmesem şemal salar talaňa,
Zülpleň tylla dessesini gizleme.

Çykmak kyndyr yşkyň otly kötelne,
Dymmak kyndyr umyt köräp öçende,
Hijran çöken kirpikleriň göter-de,
Gara gözleň gussasyny gizleme.

Didäňde umydyň, ýürekde ýaraň,
Ýar ýardan ynjanda tapmasa karar,
Dirilik demi deý kalbyňda erän,
Bagtly etjek kysmatyňy gizleme.

Öwezdurdy NEPESOW,
Türkmenistanyň Halk ýazyjysy. Goşgular